# Koronawirusly henekler

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Koronawirusly henekler KORONAWIRUSLY HENEKLER



*Hemme zadyñ henegi bar. Koronawirusyñky bolup bilmezmi? Geliñ, onda biraz henek atyşalyñ…*
Uzak wagtdan soñ şu gün ilkinji gezek zir-zibilleri zyñyp gelmäge daşary çykýaryn. Begenjime haýsy eşigimi geýjegimi bilemok.

* * *

Dellekhanalar ýapyk diýip, herkes saçyny nädäýipdir, edil ýöne spartaly serdaryñ kellesi ýaly.

* * *

Oturýan otagyma Izmir, aşhanama Ankara, ýatýan otagyma-da – Stambul dakdym, şäherme-şäher aýlanyp ýörün.

* * *

Taryhda ilkinji gezek bütin dünýäniñ aýallary ärleriniñ nirdedigini bilýärler.

* * *

Odekolon çüýşesini kir ýuwujy serişde bilen, kir ýuwujy serişdäniň gabyny odekolon bilen, odekolon çüýşesini sirke bilen ýuwýaryn. Däliremegime az-owlak wagt galdy.

* * *

Asyryň hekemi (worzakony) korona. Dünýäde näçe kafe-bar, pawilýon, kazino, meýlishana, humar oýnalýan ýer bolsa, bir özi ýapdy oturyberdi.

* * *

Ýer titrejekmiş, öýe giräýmäň. Wirus bar, öýden çykaýmaň. Bu näm boluş, abraýy bilen sag-aman ölüp dynaýsak…

* * *

Öýdeçi gyz gözleýänlere buşluk, indi gyzlaryň hemmesi öýdeçi!

* * *

Öňler kompýuterlerimize wirus degäýmesin diýip gaýgy edýärdik, indi özümize degäýmesin diýip gaýgyda.

* * *

Tomus ýakynlaşýar – güneşläp hezil ederin durkam, öýde porsap galmaly boldum.

* * *

Maşgala agzalarymyz üýşüp balkonda çaý içdik, kakam: «Wagt boldy, indi öýe gaýdalyň» diýdi.

* * *

– Allahym, dünýäni gezmegi arzuwlandygym üçin öt günämi, ýaşaýan ýerimiň töwereginde gezsemem razy!

* * *

– Pis ekeniñaý, korona! Bizi öýe gabap goýduñ, özüñem dünýäni gezip ýörsüñ. Utanç dälmi bu?

Melih AŞYK,
m.asik@milliyet.com.tr

02.05.2020 ý, «Milliyet» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Degişmeler